# Mugallym / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Mugallym / hekaýa …Hemişe beýle däldi welin, şu gün-ä şeýle boldy…
Adatça, her gün irden işe keýplije çykyp gidýärdi. Öýünden obanyň merkezindäki mekdebe çenli üç köçe aralygy-da pyýada geçmegi öte gowy görýärdi. Ýolda-yzda, deňesinden ötüp barýan ulaglaryň biri-ýarymy saklanyp, sürüjileri:
-Salawmaleýkim, mollum aga! Ýör, elteýin!-diýseler, berlen salamy baş atyp alýardy-da, “gidiber” diýen manyda elini salgap goýberýärdi. Sebäbi, häzir mekdebe baranyndan soň berjek sapagynda nämeler aýtjakdygy barada, okuwçylarynyň her biri hakynda äwmezlik bilen, gyssanman-gysganman, mazaly oýlanjyrap, içini hümmüldiden dolduryp, käte bir gadam uran bolup, epeýlik bilen dähedem-dessemläp barmak, onuň janyna noş bolýardy.
Bu gün welin, şol tarapa aýagy ädilmeýän ýalydy. Ýüzüni aşak salyp, hiç zada baş galdyrman, göýä, bahymrak şol ýere ýetip, garasyny görkezäge-de, tizrägem yzyna gaýtmak isleýän dek, öňki howlukman ýöremek endigininiň tersine, her ýerden bir ätleşdirip, haýdap barýardy. Kellesinde-de sapaklary hakynda-da, okuwçylary hakynda-da pikir ýokdy. Öňki, lezzet berýän süýji oýlanmalaryň deregine ýaşuly mugallymyň aňynda: “Ýa geçen ýyllaryň barysy bimany, ownuk hem gury gelip boş gitmekmikä?” diýen ýekeje ynjyly oý, hötjet irginsizlik bilen şol gaýtalanyp durdy…
Belanyň körügi-de, düýnki duşuşykdady. Has dogrusy, duşuşykda-da däl-de, şonda aýdylan sözlerdedi. Düýn öýlän, işden gaýdyp gelýärkä, ýolda, görüşmändiklerine eýýäm ýigriminji ýylyň çeti gädiliberen deň-duşy Orazberdi gabat geldi. Ilen-çalanlarynyň biri toý edýän ekeni-de, şoňa görünmäge gelenmiş. “Öýe gideli, çaý başynda könäni ýatlaşarys” diýse-de etmedi. Howlukmaçlygyny, işiniň köplügini “bahanam-akja bäbek” edindi. Onsoň iki çal bolup, ýedi ýoluň

ugrunda, bir çäýnek çaý içesi salymrak, aýak üstünden hal-ahwal soraşdylar. Şäherli obanyň ýagdaýy bilen gyzyklandy, obaly şäher hakda sowal berdi. Öten-geçenleri ýatladylar. Gezip ýörenleriňem az-maz gulaklaryny şaňlatdylar. Hoşlaşmakçy bolanlarynda-da Orazberdi, çagalykda, ýaşytdaşlarynyň oňa: “Orra morta” lakamyny keýpine ýelmemändiklerini gaýym görkezdi.

Ýeri, gabatlaşdyň ýagşy etdiň, gepleşdiň, derdinişdiň, ondanam oňat boldy, hasam gowusyny et-de, soňuny bulaşdyrma-da gidiber ahyry! Bile önüp-ösen deňiň-duşuň bolanda-da, onuň öz durmuşyny nähili ýaşandygy bilen nä işiň bar, ömrüboýy haýsy kesbi-kär bilen meşgullanandygy seniň nä derdiňe?! Pitjiň atma-da, ýöräber-dä öz ugruňa, öz ýaşaýşyňa baka! Nä işiň Berdi bilen, her kim öz derdi bilen, erkek özüne berk dälmi, nä?!

Ýöne, “Morta” beýdip bilýän bolsa, owalda-ahyrda “morta” adyny şeýdip aňsatlyk bilen aljakmy, ol?! Gidip barýarka, bäş-alty agyzlyk bir zatlaryny diýip galdy. Özem, öz-ä bir, üçdür-bäşdir jümlelik söz welin, gör-ä edäýýän işini, bitiräýýän goşuny! Edil ýöne, kükregine alahöwren aralaşana dönderäýdi! Häý, Morta zaňňar diýse, nirden tapýarka, beýle içiňi gyzyl-dörjük edip taşlaýan, çepbe-çöwrük sözleri?! Özüm-ä şunça ýyllap edebiýatdan sapak berip gelsem-de, uly söze toba, megerem, şu obada-ha okamadyk kitabymyň ýokdugy çynaberimsiz bolsa-da, beýle, eşiden dessiňe kalbyňy agdar-düňder edip barýan, şunça ýyllap ynanyp-uýup ýören, begenip-guwanyp ýören, wysal boldy hasaplap, şoňa-da ýüz-de-müň kerem şükürler hem alkyşlar edip ýören yhlasyňy, dem salymda köýdürip taşlaýan sözleri, bir-iki hepdeläp üstünde kelle baryny döwüpler, kitap baryny dörüpler, soraşdyryp-ideşdirip, beýleki edip, agtaryp tapaýmasam, tapmarynam özi! Eýdip-beýdip, tötänden dagy, şeýle ýakymsyz, içi güjükli jümleleriň üstünden baraýsamam, bezzadrak okuwçylara käýemäge öwrendikli bolsa-da, şu dilim şolary aýtmaga-da bogny ysman, ýaýaplar durarmyka diýýän, göwnüme bolmasa.

“Morta” zaňňar welin, piňine-de däl, eşekden palan alança-da

görmedi. Edil ýöne: “Bolýar, onda, hoş sag bol! Sag-aman gez!” diýýän ýaly edip, gidip barşyna, ýüzüniň ugruna diýdi-de goýberäýdi-äý, zaňňar-aý! Göwnübir ýaly-aý, özem-aý!… Ulagyna münüp barşyna, sen, Ýagmyr diýdi, kyrk ýyllap şu mekdebiňe gatnap, bihuda ýere köwşüňi tozdurdyň diýdi. “Bilýäňmi, sen mekdepde biziň ählimizden ökdediň, biziň tersimize, ýokary okuw mekdebine-de seni, orta mekdebi altyn medal bilen tamamlandygyň üçin, synagsyz aldylar. Mugallymlarymyz özüň ýok ýeriňde, seni biz ýaly ortataplar-a baýaky welin, käbir, hol yzda süýrenip, sekiz harply sözde on bir ýalňyş goýbermegiň hötdesinden gelip ýörenlere-de görelde edip goýýardylar. Sen meşhur alym bolup ýetişersiň diýip, hemme ýerde gürrüň ederdiler… Indem, hanha, şol umytlaryň diregi bolan seniň ýeten derejäň! Alym küje, zat küje…Köpleriň göz-guwanjy bolan, ýaşytdaşlarymyzyň naýbaşysy hasaplanan sen-ä kyrk ýyl bäri oba mekdebiniň adaty mugallymy, ejemden başga hiç kimiň kän bir üns bermedik, ortatap menem, ine indi ylmy derejeleriň, ylmy atlaryň, birnäçe baýraklaryň eýesi, dört-bäş sany ylmy işlerim kitap bolup çykdy… Onsoň kimiňki dogry?! Hudaý bilsin!… Bolýar, sag bol! Jaň edip dur!” diýdi. Soňam ötägitdi…Ulagynyň astyndan çykan sodaja tozana, onuň kalbynyň rahatlygyny hem, durmuşa, öz kesp-kärine bolan höwesini hem gardy-da, sumat boldy…

Indem, düýnden bäri onuň göwni, içine şagal giren towuk ketege döndi…Manysyzlyk duýgusymy, ynamyňda hem yhlasyňda aldanmagyň ahmyrymy, bimany geçen bolaýmagy gaty ähtimal ömür üçin ökünçmi…garaz giden bir ala-başagaýlyk. Hiç uç çykaryp, ugur-utga tapar ýaly däl. Öň kalbynda görünmäge hiç het edip bilmedik, şeýtandan sapak alan müňkürlik hem, nirelerdendir bir ýerlerden derrew desbi-dähil boldy-da, köňlüni elesledip alyp barýar…“Heý, Ýagmyr, Ýagmyr! Hemmeleri umydynda aldap, tamasyny tala daňan, Ýagmyr! Gury gelip boş gidip barýan, Ýagmyr!” diýip, tükezzibanyna tutduryp, şol yzyny üzmän gulagyna çawuş çakyp otyr.

Ýagmyr mugallym agyr oýlanmalara berlip, haýdap barşyna mekdebe nädip ýetendigini-de duýmady. Baş binanyň girelgesine ýetip barýarka jaň kakyldy. Hemişe Ýagmyr aga, jaň kakylandan

soň, birsellem daşarda säginip, okuwçylaryň hatarlaryny synlaýardy. Olaryň ýaşlyk ýelginine lowurdap duran ýüzlerinden, uçganaklaýan gözlerinden özüne kuwwat alýan ýaly, uludan demini alyp, kärdeşleriniň hemmesi bilen birlaý elleşip çykýardy. Gadyrly hal-ahwal soraşýardy. Diňe şondan soň mugallymlar otagyna baryp, goş-golamlaryny goýup, sapak bermeli otagyna gaýdýardy. Bu gün bolsa daşarda duran kärdeşleri bilen birhili sowuk-sala salamlaşdy-da, kän eglenmän, bina girip gitdi. Mugallymlar otagynda öz ornuna geçip, birsalym gözüni bir nokada dikip oturdy. Soňra “okuwçylar ind-ä okuw otaglaryna girendirler-dä” diýen çaklama bilen, sapak bermeli otagyna ýöneldi.
Girdi. Okuwçylaryň salamyny aldy. Ýerine geçdi. Synp kitapçasyny açdy. Ýapdy. Gözlerini göterdi. Bada-badam ýaşuly mugallymyň ini jümşüldäp gitdi. Kyrk jübüt göz geňirgenmek bilen ony synlaýardy. “Be, bular näme tiňkelerini dikip durkalar?!” diýip oýlanan ýaşuly mugallym, bu pikirini oýlanyp ahyrlap ýetişmänkä, düşündi. Onuň birhili ýüzi gyzaryp gitdi. Ýagmyr mugallym kyrk ýylyň içinde ilkinji gezek, synp kitapçasyny açanyndan soň okuwçylaryň hemmesiniň ýerbe-ýerdigini atma-at barlaman ony ýapypdy. Okuwçylaram onuň bu bolşuny geňleýärdiler.
Ýaşuly mugallym az-owlak oňaýsyz ýagdaýa düşendigini bildirmejek bolup, synp kitapçasyny täzeden açdy-da, okuwçylara gözüni aýlady. Ýaňy on ikisini dolduryp on üçüne giden, heniz açylmadyk gunça ýaly terje hem tämizje ýüzler, onuň agzyndan her bir sözüni gapyp alyp, özlerine siňdirmäge taýýar bolup duran gözler…Barysy hem şeýlebir tanyş, şeýlebir mähriban, şeýlebir ýürege ýakyn… Sebäbi ol bularyň özleridir-doganlary, kakalarydyr-ejeler-ä beýlede dursun, köpüsiniň atasydyr-enelerini, mamasydyr-babalaryny hem okadypdy. Şu giden meýdany tutup, ýazylyp-ýaýrap ýatan küren obada ynsanlaryň birnäçe nesliniň çalşyşynyň gözli şaýady bolupdy…Diňe bir şaýady hem däl-de, özi şol nesilleriň çalşygyna tutuş durky-düýrmegi, durmuşy-yhlasy bilen gatnaşyp, öňki mynasyplaryň ornuny soňkularyň mynasyp bolup eýelemekleri üçin, elinden gelenini aýaman, janyny-tenini, aňyny-ýüregini

siňdirip, şunça ýyllap zähmet çekip gelýärdi…
Ol şu obada, ömrüni siňdiren şu iş ýerinde, ilki alty ýaşlyja oglanjygyň ýa-da gyzjagazyň, daş-töweregine howatyrly garanjaklap, ejesiniň elinden has mäkämräk ýapyşmaga çalşyp, gorka-gorka bosagadan ätleýändigini görýärdi. Onuň, entek beýle agram salnyp görülmedik, agaýana ösen kakabaş dili bilen, ilkinji harplary, ilkinji kesgitlemeleri çekine-sakyna aýdyşynyň iň birinji diňleýjisi bolýardy. Soň şojagazyň assa-ýuwaşdan, ýyllaryň yzyndan dähedem-dessemläp barşyna, ilki ýetginjege, soň jahyla, soň ýaş ýigde öwrülişiniň minnetdar tomaşaçysy bolup gezýärdi. Şonuň üçinem Ýagmyr mugallym öňünde oturanlaryň her biriniň kalbynda, her pursatda nämeleriň gopýandygyny, sereden dessine bilýärdi. Sebäbi ol diňe bir olaryň özlerine däl-de, gelip çykyşlaryna-da beletdi.
Ine, Handurdy Amanow…Gör-ä bi bezzadyň gözleriniň ýyldyraýşyny. Şu mahal hökman synpdaşlarynyň haýsy birine nädip degsinsemkäm diýip içi byjyklap durandyr, munuň! Kakasy-da şeýledi munuň, atasy hem garagolluk tapsa aş gerekmezleriň biridi. “Dogumdan don geýen” diýilýänlerden, bularyň tohumy. Işiň agry bolsa-da birinjidirler, göreşem bolsa birinjidirler, bezzatlygam bolsa ýene-de şular, köpüň öňüne düşmeli bolsa-da, bardyrlar bir ýerde…Arman, atasy pahyryň…ilkinji okuwçylarymyň biridi, görgüli… ömri gysga ekeni neressäniň… Ýangyn söndüriji bolup işleýärdi. Munuň kakasy onuň ikinji çagasydy. Şol ýaňy iki ýaşanda, ýanyp duran jaýdan ilki bir bendäni gerşine alyp çykypdyr, ikinjisiniň yzyndan girende-de…Jaýy jennet bolsun, neressäniň! Uçmahydyr, enşalla! Hudaýa şükür, yzy ýitmedi neressäniň. Hanha, ösüp-örňäp gitdiler. Ogullarynyň her biriniň gol doly maşgalasy bar. Munuň kakasyny-ha, agasyndanam dogumlyrak görýän, men. Iner ýaly pyýada. Il içinde hormat-sylagy-da ýetik…Arada, bujagaz bir bezzatlyk edende: “degme, özüm käýýärin” diýsemem, direktor öýlerine jaň edipdir. Soň oglunyň ezeneginden tutup, geldi ýanyma, döw ýaly pyýada. Gelşine-de: “Salawmaleýkim, mollum aga! Bagyşlaň welin, bular-a serediň-ä! Goparýan hokgalaryny bir görüň-ä! Biz-ä bularyň ýaşynda okuwdan başga zady bilmeýärdik, bularyň başarýanyna haklymyz

hem ýetjek däl, şo wagt” diýen bolýar, peläket! Myssa ýylgyraga-da, äýnegimi aýryp, gözlerine bir seretdim welin, mähnet pyýada lam-jim bolup, ýüzüni çym-gyzyl edip, ýere bakyp dur, gözüni galdyryp bilmän…

Ýaşuly mugallym şol wakany ýatlap, gözlerini güldürdi-de, nazaryny indiki okuwça öwürdi.

Meret Berdiýew.

Ýagmyr aga garabaşynagaý bolup, kellesini galdyrman nämedir bir zatlary çyrşaşdyrýan oglanjygyň akgaýma tahýalyja başyny gözleri bilen sypap-sypap goýberdi. Ýerinden turaga-da, ýakynyna baryp onuň kellesini emaý bilen sypaýasy gelip, eliniň aýasy gijäp gitdi.

Gör bujagazy! Haçan görseň, ýa bir zat okap oturandyr, ýa bir zatlar çyrşaşdyrýandyr. Ýa-da bolmasa gözüni dik öňüne dikip, şol pikirlenip durandyr. Şeýle pursatlaram onuň gözünden aňyp bolýar, bu mahal ol bu otagda-da däl, bu mekdepde-de däl, başga bir has gyzykly, has üýtgeşik dünýäde, bägül düýş ýaly, demiňi tutdurýan aldym-berdimli erteki ýaly ajaýyp älemde gaýyp ýör. Kakasy şeýledi, munuň!

Ýagmyr aga äýnegini aýyrdy-da, gözlerini owkalap durşuna, hyýalbent okuwçysynyň kakasy hakynda sähel pursadam bolsa, biraz artygrak oýlanasynyň gelýändigini, ol oýlanmalarynyň hem özüniň ähli buýsanç damarlaryny birden gyjyklaýandygyny duýdy.

Ýaşuly mugallym, her ýyl täze okuwçylar mekdebe gelende, ilkinji sapakda, çagalaryň arasynda özüniň aýdyp berjek zatlaryny dodagyndan okamaga taýýar bolup duran, teşnelik bilen garaýan gözleriň ençemesiniň bardygyny görýärdi. Ojagaz garamyklarda Allanyň nury bardy. Olaryň her biri-de özlerini dykgat bilen synlaýan goja mugallyma: “Mollum, gaýrat et, ýşyk ber, ýagtylyga, ýagşylyga barýan ýoly görkez! Yza dönen, terse giden namart bolsun!” diýip, çaga ýüreginiň ähli sada tämizligi bilen äht edip, pyşyrdaýan ýalydylar. Ojagazlaryň her biriniň pamykdan päkize ýüzjagazlaryna seredip durşuna-da Ýagmyr aga, şol goşa garamyklarda uçgun bolup köräp duran nurjagazy, nädip ojagazlaryň özleriniň-de, töweregindäkileriň-de ýollaryna ýagty saçjak, belentden ýanýan alawa öwürmäge ýardam berjekdigi hakynda süýjülik bilen

oýlanýardy. Şeýle lezzetli pursatlar üçinem ol zähmet çekýärdi, yhlas edýärdi. Şol garaja garamyklardaky nuruň lowurdap ýanýan alawa öwrülmeginiň hatyrasyna-da ýaşaýardy.
Ýöne käte-käteler, bäş ýyldan, kähalatlarda bolsa on-on bäş ýyldan bir gezek, ol has-da üýtgeşik gudrata duş gelýärdi. Özüne garşy garaýan garamyklaryň arasynda birinde, şeýlebir ýakyp barýan ýiti, şeýlebir gözleriňi gapyp barýan ýalkymly şöhläni – hakdan içen zehini saýgarýardy. Şeýle halatda-da, onuň zähmeti oňa lezzet bermekden has belende göterilip, onuň üçin şu ýalançyda ýetip boljak iň belent mertebä, gazanyp boljak iň abraýly serpaýa öwrülýärdi. Şunuň ýaly pursadam, hemişe onuň dünýäsine-de, durmuşyny-da nur saçyp ýörýärdi.
Bujagaz oglanjygyň – Meret Berdiýewiň, ady belli şahyr hem alym kakasy-da, ýaşuly mugallymyň öz ýanyndan hiç kese bildirmän ýören iň beýik buýsanjydy. Sebäbi ol, birmahal, otuz ýyl mundan ozal, şujagazyňky ýaly, haçan görseň garabaşynagaý bolup, nämedir bir zatlar ýazyp-pozup, okap, arzuw-hyýala batyp, töweregini saýgarmaýan düňle ýaly bolup ýören, garaja galpakly, ýygra bolsa-da, hiç kime hakyny gidermeýän oglanjygyň, hemişe daşyna däl-de içine seredýäne çalymdaş, goňurja gözlerinde, şol, çar ýanyna şugla saçyp duran ýalkymly lowurdyny görmegi başarypdy.
Ýagmyr aga Merediň özi hem kakasy barada ýene-de sähel pursat ýakymly oýlandy-da, indiki okuwçysyna garady. Bada-badam onuň göwnüne ot ýapyşan ýaly boldy. Ýaşuly mugallym buýra-buýra saçly, ýüzjagazy menek-menek, kelteräk boýly, hortap oglanjykdan ýüzüni sowmaga howlukdy. Emma, gözüni ägindirmän, näçe çalt başga okuwçysyna seretse-de, barybir hötjet beýnisi ojagaz oglanjyga ýelmeşmäge ýetişdi.
Bir-iki ýyl mundan ozal, Ýagmyr aga her gün irden mekdebe gaýdanda, golaý bolandygy üçin, şujagaz menek ýüzlüjäniň ýaşaýan köçesinden geçýärdi. Atasynam okadypdy onuň, kakasynam, ejesinem…Indi bolsa, ol düýbünden başga köçeden gatnaýar. Toýa-tomga gidende-de, başarsa şol köçeden, halys bolmasa, menek ýüzlüjeleriň çatrygyndan daşrakda gezmäge çytraşýar. Sebäbi, bujagazyň atasy bilen enesi aradan çykandan soň, suwaglary gopup, üçegi deşilip haraba dönen öý, erkek

kişiniň eli galtaşmaýandygy sebäpli hyşa basan taşlandy meýdana öwrülen howly, her gezek gözi düşende, onuň öz borjuny berjaý etmegi başarmandygynyň ses-selemsiz, jansyz subutnamasy ýaly, gözlerini iýip gelýär…Diňe her aýda iň bolmanda bir gezek, ýaşuly mugallym, özi üçin her näçe hupbatly bolsa-da, şol köçeden geçip, şol howlyny mazaly synlap, hakydasynda galdyrmaga özüni mejbur edýärdi. Edil: “Unutma! Eger-de ýüze çykjak bolýan betbagtlygy wagtynda görüp-duýup ýetişmeseň, şol betbagtlykdan iliň-günüň saňa ynanan näzijek ykbaljyklaryny halas edip ýetişmeseň, boljak zady ýene-de bir gezek gör! Hiç haçanam unutma!” diýip, özüne gyjalat berýän ýaly…
Ýagmyr aga öz bolşundan utanyp, ýene-de gözlerini menek ýüzlüjä öwürdi.
Ýüzi-gözi birhili, düýnküsindenem solgun ýalymy? Ýa deňdeşleriniň biri dagy çylkasyzyny atyp ynjydaýdymyka?! Kim het etdi?!
Ýaşuly mugallym bir demde, okuwçylaryň ählisiniň ýüzüni synlaşdyryp çykdy. Ynjaldy.
Hiç kim hiç zat diýmändir, öýdýän. Gözüme görünýär, öýdýän. Şol bir bolşy ýaly-la…Äý onsoňam, hawa-da! Kakaň haram ýola baş goşup, ilden daş düşüp, neşe söwdasynda saklanyp, azatlykdan mahrum edilse, ýüzüň gülüp durarmy, eýse?! Wah, meniňem günäm bar, bu ýerde! Näme üçin, bujagazyň kakasynyň şeýledigini wagtynda görmedim, duýmadym?! Näme üçin, tämiz ak kagyz ýaly çaganyň kalbynda halal pikirleriň, halal endikleriň, päk duýgularyň däl-de, özgeleriň durmuşynyň abadançylygyna hyýanat edibem bolsa, haram gazanç edip, sähel salymlygam bolsa mes ýaşamak hakynda ham-hyýallaryň orun almagyna ýol berdim, näme üçin?!… Ine, şu hem dograp-duzlaýar meni! Ine, şunuň üçin hem, bujagazyň gözjagazlaryna göni seretmäge gaýratym çatmaýar! Ine, şunuň üçinem, men soňky bir-iki ýyl bäri, öz ýazygymdan gaçýan ýaly, bujagazlaryň köçesinden geçip bilmän, köwejekläp ýörün! Şunuň üçinem, her aýda bir gezek, edil öz wyždanymyň öňünde dyza çöküp, ötünç soraýan dek, her niçe ezýetli bolsa-da, özüme sütem edip, bujagazlaryň öýleriniň deňesinden ötýärin. Ötüp barşyma-da, edil diwana galandaryň sanawajy deýin, ýetişibildigimden:

“günämi ötüň, bagyşlaň meni, bagyşlaweriň hernä…” diýip sarnaşdyrýaryn…
Ýaşuly mugallym bozulandygyny gizlemek üçin, indiki okuwça seretdi. Şeýdip oturşyna-da, ol özi üçin juda uzaga çeken ýaly bolup görünýän, sähel salymyň içinde ähli okuwçylaryny birlaý gözden geçirdi. Birdenem ol özüni düýnden bäri köseýän bimanylyk duýgusynyň, ahmyrynyň, içini gemirýän müňkürligiň, hälden bäri kalbyndan zym-zyýat bolandygyna aň ýetirdi. Ýagmyr aga geň galdy. “Weý, bi Morta zaňňaryň gepinden dörän galagopluk, birhili gürüm-jürüm bolaýpdyr-a! Asyl, ol başagaýlygyň göwnümi haçan terk edendigini-de duýman galaýpdyryn, men-ä!”.
Ýaşuly mugallym begenip gitdi. “Gör-ä muny! Asyl, bu mekdep diýilýän keramatly ýerden, garaňky oýlardyr-duýgular hem gorkýan eken-ä! Wah, sadagasy boldugym! Ömrümi bagyş eden mukaddesligim ahyry, bu! Meniň ömürboýy gazanan sogabymyň mizany ahbetin, bi! Onsoň Morta zaňňar, nirden bu saňa “gury gelip boş gitmek” bolýarmyşyn?! Näme diýenem bolsaň, galat aýdypsyň, sen! Gowulyk bu, ýagşylyk hem ýagtylyk, bu! Belentlik hem beýiklik, şu!” diýip, göýä, düýnki söhbetdeşi çat maňlaýynda dikilgazyk bolup duran dek, Ýagmyr aga, gunt ýaly, gunt ýaly saldamly pikirlerini içinden yzba-yz suňşuryşdyp oýlandy-da, öňünde ýatan okuw kitabyna ýapyşdy. Soňam kalby aram tapan ýaşuly, parahat keşbe girip:
-Hany çagalarym, kitabyňyzy açyň, sapaga başlalyň. Bir-ä öwredeniň galar, birem döredeniň galar, bu dünýede-diýdi…
Hekaýalar